# Çöwrüp geýäýmeseñ…

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Çöwrüp geýäýmeseñ…

ÇÖWRÜP GEÝÄÝMESEÑ

Çöwrüp geýäýmeseñ indi dünýäni
Düzüw ýüz-ä geýer ýaly bolmady.
Bir gidäýseñ umyt bilen ýaýdanman
Soñ öwrülip geler ýaly bolmady.

Deñizler-ä galkdy, joşdy derýalar
Kimler saga, kimler sola barýarlar,
Aglasañ gülýäler, gülseñ urýarlar,
Aglar ýaly, güler ýaly bolmady.

Dünýäñ özem aljyraýar şu günler,
Kine doly kitiw doly göwünler
Şeylebir çiglipdir, çigen düwünler
Çapaýmasañ çözer ýaly bolmady.

Derdimiz kän haýsy birin aýdaýyn
Dünýä! Señkiden-ä kyn meñ ýagdaýym
Seni munda goýup gidip arkaýyn
Umyt bilen öler ýaly bolmady.

Atamyrat ATABAÝEW,
Türkmenistanyñ halk ýazyjysy.

Goşgular